# Sen dirisiñ!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sen dirisiñ! SEN DIRISIŇ!

*Gurbannazar Ezizowyň ýagty ýadygärligine.*

Tüýs şahyrdyň
seniň goşgularyňy,
Gazetleriň her sanyndan gözlärdik.
Biz olary okap-okap,
apalap,
Müdimilik kalbymyzda gizlärdik.

Sen bahardyň,
Güýze aşyk bahardyň,
Şygyrlaryň şat baharyň çabgasy.
Bu gün meni öz erkime goýanok,
Sary güýzüň ýapraklarnyň ýagmasy.

Bu gün meni öz кrkime gpýanok,
Sähra guşlarynyň süýji nagmasy.
Seni ýatlap,
aglap geçýän gazlaryň,
Gözlerinden ajy gözýaş dammasy.
Alyslardan
wasp кtdigiň durnalar,
Nyzam bilen
toýnuk gurup geçende.
Seni gözleýäris –
Uly şahyry,
Şol awara durnalaryň içinden.

“Ynam” bilen ýaşadyň sen dünýäde,
Ne ajapdy bu “Ýer – gögüň arasy”.
Sary “Güýzüň” “Serpaý” berdi halkyňa,
Hem gizledi bir göwheriň parasyn.

Ýogam bolsaň,
Bardygyňa ynanýas,
Türkmen sährasynda,
türkmen düzünde.
Sen dirisiň,
Sen müdimi dirisiň,
Adamlaň aňynda,
ýüreklerinde.

21-22.01.1979 ý.

Sapargeldi HUDAÝBERDIÝEW. Goşgular